# Mosuldaky Atabeg döwleti -3

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Mosuldaky Atabeg döwleti -3

Salaheddiniň döwründe eýýubylar bilen bolan gatnaşyklar

I Nureddin wepat bolanyndan soňra Şamyň syýasy ýagdaýy.
A. Halap hökümdarlygyndaky bäsdeşlik.
B. Salaheddiniň Halap Atabegligindäki orny.
W. Salaheddin Damaska girenden soňra Halapdaky ýagdaýlar.
G. Mosulyň hökümdarynyň Salaheddiniň ýanyndaky orny.
D. Seýfeddin Gazynyň wepat bolmagy we Yzzeddin Mesgudyň hökümdarlyk sürmegi.
II Mälik Salyh wepat bolanyndan soňra Şamyň syýasy ýagdaýy.
A. Halabyň Mosul hökümdarynyň ygtyýaryna berilmegi.
III Salaheddin bilen Yzzeddin Mesgudyň arasyndaky söweş.
A. Salaheddiniň Mosulyň welýatlaryny eýelemegi.
B. Mosulyň gabawa alynmagy (birinji synanyşyk).
W. Mosul hökümdary bilen Ermeni şanyň birleşip, Salaheddiniň garşysyna durmaklary.
G. Salaheddiniň Halaba birikmegi.
D. Mosulyň gabawa alynmagy (ikinji synanyşyk). Ýe. Mosulyň gabawa alynmagy (üçünji synanyşyk) we Salaheddin bilen Yzzeddiniň arasyndaky söweşiň soňlanmagy.
IV Mosulyň esgerleriniň Salaheddiniň tugunyň astynda haçparazlaryň garşysyna söweşmekleri.
A. Mosulyň hökümdarynyň Ibn Omar adasyny gabawa almagy.

I. Nureddin wepat bolanyndan soňra Şamyň syýasy ýagdaýy
A.    Halap hökümdarlygyndaky bäsdeş-lik
Nureddin Mahmyt bin Zeňňi 569-njy ýylda wepat boldy. Nureddinden soňra ýurtda onuň on bir ýaşy hem dolmadyk ýetginjek ogly Mälik Salyh Ysmaýyl hökümdarlyk etdi. Müsürdäki we Şamdaky münberlerde Mälik Salyha hutba aýdyldy we adyna zikge kakyldy. Mälik Salyh heniz ýaşdygyna garamazdan döwlet

işlerini dolandyrmakda emirleri we ýokary wezipedäki orunlara mynasyp adamlary saýlamak isledi. Olaryň her biri Mälik Salyha atabeg bolup, oňa wesýet bermek islediler. Bu bäsdeşligiň netijesinde Damask emirleriniň Iordaniýanyň patyşasy bilen ylalaşyk baglanyşanlaryndan soňra, Salaheddiniň tarapyndan gelen wekilleriň bu ýerlerde özbaşdak hereket etmegi zerarly ol ýerdäki emirleriň arasynda uly bölünişik boldy. Nureddiniň wepat bolmagy sebäpli yslamy ugurda uly ýitgä sezewar bolundy we yslam birleşen goşunynda aljyraňlylyk başlandy. Umurylardan çykan Iordaniýanyň patyşasy ýagdaýdan peýdalanmagy başardy we ol howlukmaçlyk bilen Banyýas şäherini gabady. Soňra hazynadan talap edilen zatlary bermek we köp sanly ýesirleri boşatmak barada ylalaşyk baglanyşmaga Ibn Mukaddymy mejbur etdi. Jarusynyň bellemegine görä, Amurynyň şol ylalaşygy baglanyşmakdaky üstünligi Norman flotunyň Iskenderiýa hüjüm etmekligine gabat gelýär. Bu bolsa haçparazlaryň hüžümine ýol açmagy delillendirýär. Çünki umurylar Fulk patyşa bilen Mugyneddin Anuryň arasyndaky ylalaşygy görelde edinip, damasklylar bilen ylalaşdylar. Şunluk bilen umurylaryň patyşasynyň pikirine görä, Nureddiniň döwletiniň pese gaçan pursatyndan peýdalanyp, onuň kakasy Fulgyň haçparazlar bilen damasklylaryň arasyndaky ýola goýan syýasatyny dowam etdirmegi makul bildi. Şol wagt yslamy şäherleri Ymadeddin Zeňňiniň esaslandy-ran düzgünlerinden ugur alýan Salaheddiniň möhüm syýasatyna bagly boldy. Ymadeddin-den soňra bolsa şol ýoly onuň ogly Nureddin saýlap alypdy. Salaheddin yslam leşger-lerini bir ýere jemlemek barada köp işleri alyp bardy. Onuň baş maksady bolsa Şam bilen Müsüri birleşdirmekdi. Salaheddin Şam şäherlerindäki haçparazlaryň höküm-darlyklarynyň soňuna çykmak üçin olaryň golaýynda ýerleşmegi maksat edinip, urdun araplaryň jülgesindäki Kerek we Şubek galalaryny eýeledi. Seýfeddin Gazy II agasy Nureddiniň wepat bolan pursatyndan peýdalanyp, Mesopotamiýa hüjüm etmek bilen Nureddiniň 566-njy ýylda eýelän ähli şäherlerini yzyna gaýdyp alandygyny ýokarda ýatlap geçipdik. Arap çeşmelerinde görkezilmegine görä, Halapda syrkaw halynda ýatan Nureddiniň goşunbaşysy emir Şemseddin Aly bin Daýe hem Seýfeddiniň Mesopotamiýany

eýelemegine garşy durup bilmändir. Hakykatda bolsa, Halapdaky näsazlyklaryň artmagy netijesinde Halabyň goşunbaşysy Şemseddin Aly bin Daýe bilen onuň öňbaşçy tarapdary Abu Fazyl bin Haşşabyň arasynda bäsdeşlik bolýardy. Ibn Daýe Seýfeddin Gazynyň Halaba ýöriş edip, ony öz elinden almagyndan howatyrlandy we onuň bilen Mesopotamiýanyň şäherlerinde ýüzbe-ýüz duşuşmagyň aladasyny etdi. Soňra Ibn Daýe Seýfeddin Gazydan gorkup, gaçybatalga gözläp, Halaba gelen Sagdeddin Kümüştegin bilen duşuşdy. Ol öz pikirini Sagdeddine aýan etmek bilen ony Halaby Mosulyň hökümdaryndan goramakda hemaýat bermegi üçin Halabyň esgerleri bilen Damaska, Mälik Salyhdan kömek soramak üçin ugratdy. Emir Şemseddin bin Mukaddymyň birnäçe emirlere we Nureddiniň aýalyna arkalanyp, Mälik Salyhyň özbaşdak hereket etmegine itermegi Damaskda agzalalyk döretdi. Kemaleddin Şährizury Ibn Mukaddyma Müsüriň hökümdary Salaheddin bin Eýýup bilen tiz wagtda birleşmegi, şeýle hem Salaheddiniň Nureddiniň esasy işgärlerinden we ýürekdeş orunbasarla-ryndan biri bolup, onuň hyzmatynda bolanlygy sebäpli Damaskda bolýan wakalar bilen ony habardar etmegi tabşyrdy. Şährizury bulardan başga-da Ibn Mukaddyma Salaheddiniň gaharlanman öz tabynlygyndan çykyp, tiz wagtyň içinde Halabyň döwlet işlerine girişmegi üçin, oňa kanunalaýyk emr etmegi teklip etdi. Şährizury Salaheddiniň buýrugyna biperwaý garap, Ibn Mukaddymy aýap saklady, çünki Müsür hökümdarlygy onuň ähli hökümdarlyklaryndan güýçlüdi. Ýöne Ibn Mukaddym we emirler Salaheddiniň öňde aýdylan pursatdan peýdalanyp, Şama girmeginden we ondan çykyp, şäherlere täsirini ýetirýän soltan bolmagyndan howatyrlanyp, Şährizurynyň pikirini inkär etdiler. Şonuň ýaly-da Ibn Daýe bilen Kümüştegin öz isleglerine görä hereket edip, Salyhy Halaba ugratmakdan howatyrlandylar. Onuň yzysüre bolsa Salyh Ysmaýylyň Damaskda bolan wagtynda Ibn Mukaddym onuň hökümdarlygyny kanuny esasda öz eline almak isledi. Şonuň üçin Damaskyň ähli emirleri Mälik Salyhyň daşyny mäkäm gurşap aldylar. Haçanda Ibn Daýe Şemseddiniň Halaba gelmekligini talap edip, çapar ýollanda, ol Halabyň hökümdarlygynda Nureddiniň uly emirle-riniň we onuň gullugyndaky emirleriň

bardygy üçin Ibn Daýeniň çagyryşyna gitmekden howatyrlandy. Sagdeddin Damaska golaýlanda, Ibn Mukaddym goşun iberip, ony talatdy. Soňra ol ýeňlen halda Halaba gelende Ibn Daýe ondan alnan zatlaryň öwezini doldy. Ondan başga hem Ibn Mukaddym Salyh Ysmaýylyň ýanynda galmagyny inkär edeninden soňra, Mälik Salyhyň Halaba gitmegini şäherleriň ýokarlanmagyna laýyk hasap etdi. Soňra ol Mälik Salyh bilen Halaba bile gitmek üçin Sagdeddin Kümüştegini ibermek barada Ibn Daýe çapar ýollady. Ibn Daýe bolsa oňa jogap hökmünde Sagdeddini Damaska ugratdy. Şeýlelikde, ol 569-njy ýylyň gurban aýynda Salyh bilen Damaskdan gaýdyp geldi. Sagdeddin Halaba gelende bolsa Ibn Daýeni doganlary bilen tussag edip, zyndana saldyrdy. Haçanda Ibn Daýeniň tarapdary, ýagny öňbaşçy Abu Fazyl bin Haşşap buýruga garşylyk bildiren wagtynda, ol ony tussag edip, kellesini almak barada emr etdi. Şondan soňra döwlet işlerini Sagdeddin Mälik Salyh bilen bilelikde özbaşdak dolandyrdylar. Sagdeddiniň şäherlerde özbaşdak hereket etmek bilen Ibn Daýeni tussag edenligi baradaky habar Ibn Mukaddyma ýeteninde, ol Sagdeddiniň Halapdaky işlerini amala aşyrmak üçin emirlerini ibermekden howatyrlandy. Şol wagt ol Mosulyň hökümdary bilen Kümüşteginiň garşysyna çykmagyň kül-külüne düşdi. Ol Salaheddiniň az sanly goşunyny aýaga galdyryp, ýeňillik bilen ondan halas bolmagy başarar diýip pikir etdi. Ibn Mukaddym Damaskyň abadanlygy üçin Seýfeddin Gazy bilen goşunyny birikdirmäge howlukdy. Ýöne Seýfeddin Gazy Mesopotamiýadaky öz täsirini berkitmek işleri bilen meşguldygy zerarly Ibn Mukaddymyň we Damaskyň emirleriniň islegini kanagatlandyrmady. Yzzeddin Zülfender bolsa Damaskyň emirleriniň ony erbet niýetleri bilen çagyrýandyklaryny aýan edip, Seýfeddiniň Damaska ugran wagtynda Halabyň güýçleriniň arka tarapdan gelip, Mosuly gabawa almaklarynyň mümkindigini aýtdy. Ibn Esir Yzzeddiniň bu wehime düşmeginiň sebäbini düşündirip, şeýle diýýär: «Gorkaklar uzakdaky zady golaýdadyr diýip düşünýärler. Şeýle-de olar gorkaklyk parasatlylykdyr diýip pikir edýärler».

Adata görä, Seýfeddin Gazy özünde şübhe döräninden soňra Şama gitmekden saklandy. Şeýle-de Nureddin Mahmydyň ölüminden soňra Mesopotamiýanyň şäherlerinden kätip Sagdeddin bilen Mälik

Salyhyň öz tabynlygyndan alan ýerleri barada ylalaşdy. Mosul atabegi bilen Mälik Salyhyň arasynda ylalaşyk ýola goýlandan soňra, Ibn Mukaddym erjellik görkezmegini bes etdi. Haçanda Ibn Mukaddym Halabyň emirleriniň öňürtiläp Damaska ýöriş etjekdigini bilende, ol Salaheddinden kömek sorap, onuň bilen birleşmäge howlukdy. Ibn Mukaddym emirleriniň adyndan Salaheddiniň özlerine hökümdarlyk etmegi barada hat ýazyp, oňa iberdi. Bu hat haçparazlaryň söweşlerinde yslamy göreş hereketlerini garşy almak üçin taryhdaky bir aýgytly ädim boldy.

B. Salaheddiniň Halap Atabegligindäki orny

Salaheddin Şamdaky bolup geçýän wakalary içgin synlaýardy. Ýöne ol bu meselelere goşulmak islemedi. Ol Sag-deddiniň döwlet işlerinde özbaşdak hereket etmeginiň netijesinde emir Şemseddin Ibn Daýeni we onuň doganlaryny tussag etmek we şäherlere sowuksala garap, pereňliler bilen ylalaşandygyny eşideninde, bu özboluşly wakalary düzgünleşdirmegiň wagty gelendir diýip pikir etdi. Çünki Salaheddin Nureddiniň döwründäki ýaly aýaga galyp, haçparazlaryň garşysyna yslamy leşgerlerini birikdirmek syýasatyny dowam etdirjek ýeke-täk güýçli adamdy we ol ygtybarly möhüm pursatlaryň geçip durandygyna göz ýetiripdi. Salaheddin imanly we mömin adam bolup, Nureddiniň umumy mülkleri baradaky mirasdüşerlige örän mynasyp adamdy. Salaheddin döwletdäki çagyrylýan wezipesine barmagy zerur diýip hasap etdi we Müsürden gidip, Şamdaky ýagdaýlary düzgünleşdirmegi maksat edindi. Haçanda oňa Şemseddin bin Mukaddymdan Şama gelmek baradaky çagyryş haty gelende, Salaheddin haýal etmän Damaska gitmäge howlukdy. Ol Mälik Salyhyň kakasynyň döwründe terbiýe alan mynasyp adamdy. «Eger şol ýerdäki kowumlaryň hökümdarlyklary dowam eden bolsa, olaryň sözleri azaşyp, kapyrlaryň şäherlere bolan islegleri artardy». Soňra Salaheddin Ibn Mukaddyma hat iberdi, ol hatda şeýle diýilýär: «Biz yslama we onuň halklaryny bir ýere jemläp, olaryň agyzlaryny bir etmekden başga, Atabegligiň ýerine bolsa onuň aslyny we pudaklaryny erbetliklerden goramakda peýda getirmekden başga hiç hili täsir etmeýäris. Adamyň wepalylygy dünýäden ötenden soňra bilinýär. Mähir-

muhabbetiň täsiri duşman-laryň tamakinligi artan wagtynda belli bolýar. Men şu sözleri aýtmak bilen entek biziň öňümizde kyn işleriň garaşýan-dygyny ýaňzydýaryn. Eger biz maksadymyza ýetmek üçin ylalaşsak, bizi ýolumyzdan kim aýra salyp biler».

Şu hatdan görnüşi ýaly, Salaheddin Nureddin bilen aralaryndaky düşnüşmezlikden ýüze çykan söweşi ýadyndan çykardy we Atabegligiň mülk ýerlerine mähir-sahawatly häsiýetleri bilen gözegçilik edip başlady. Jarusi Salaheddiniň bu häsiýetlerini şeýle sözler bilen suratlandyrýar: «Eger öňki bolup geçen wakalary ýatlasak, bu teýeneli oýna meňzeýär. Nureddiniň ölmeziniň öň ýanynda bularyň arasynda tas söweş ody tutaşypdy». Salaheddin Müsürden 700 saýlama atlylary alyp, Damaska gelmek barada Ibn Mukaddymdan çagyryş hatyny alan dessine, bu teklibi kabul etdi. Salaheddin Şama gireninde araplaryň jülgesindäki pereňlileriň ýerlerini kesip geçdi we Basrada düşledi. Onuň hökümdary Syddyk bin Çawly bolsa Ibn Mukaddymyň kätiplerinden biridi. Soňra Salaheddin Basradan çykyp, Damaska baran wagtynda ony doganoglany emir Nasreddin Muhammet bin Esededdin Şirkuh bilen emir Sagdeddin ibn Mugyneddin garşyladylar. Olar tokaýýň meýdançasynda düşlänlerinde Damaskyň esgerleri, şäheriň ýokary wezipeli adamlary bilen Salaheddiniň goşunyna gelip goşuldylar. Soňra Salaheddiniň ýanyndaky goşunlary ony garşylamak üçin Damaska gitdi. Ol 570-nji ýylyň dört tirkeşikleriniň ikinji aýynda, Sogapgüni Damaska girdi. Şol wagt Jemaleddin Reýhan ol ýere barman, öz galasynda saklandy. Şondan soňra Salaheddin Damaskyň kazysy Kemaleddin Şährizuryny we döwlet işini dolandyrýan emeldarlaryny öz ýanyna çagyryp, galany bermek barada talap etdi we Reýhany boýun etmek üçin ugratdy. Kemaleddin galanyň diwarynyň üstüne çykyp, Reýhany Salaheddiniň tarapyna geçmäge çagyrdy we onuň ähli talap eden zatlaryny oňa ýetirmek bilen şeýle diýdi: «Salaheddin Mälik Salyhyň alan döwletlerini gaýtaryp bermek üçin geldi. Şeýle-de ol onuň mamluklaryndan biridir» . Soňra Reýhan Salaheddiniň tarapyna geçip, galany onuň ygtyýaryna berdi. Salaheddin gala giren wagtynda, galadaky ähli zatlary eýeläp, gala hökümdar edip, dogany Zahyr Yslam Dagtegin bin Eýýuby belledi.

W. Salaheddin Damaska girenden soňra Halapdaky ýagdaýlar

Halapdaky Mälik Salyhyň emirleri we emeldarlary Salaheddiniň Damaska girendigini, şeýle hem halkyň oňa meýillidigini eşidenlerinde näme etjeklerini bilmän, hökümdarlygyň elden gitmek pursadynyň we soltanlarynyň ölüminiň golaýlandygyna göz ýetirdiler. Soňra olar Salaheddiniň Mälik Salyhyň şäherlerini eýelemegine duýduryş hökmünde Manbajyň hökümdary Kutbeddin Ynal bin Hasanyň adyndan haýbat atyp, hat iberdiler. Ibn Hasan Salaheddine gödek jogap bermek bilen şeýle diýdi: «Sen Müsüri biziň elimizdäki gylyçlaryň we biziň egnimizdäki naýzalaryň kömegi bilen eýelediň. Şol esgerleri gaýtaran adamlar seni hem gaýtararlar. Olaryň ýoluna böwet bolsaň, olar saňa hem böwet bolarlar. Sen öz toparyňa duşmançylyk etdiň we çäkden çykdyň. Sen Nureddiniň ýaranlarynyň we onuň ogluny goramaga borçly adamlaryň birisiň». Salaheddin Ibn Hasanyň bu sözlerine gaharlanyp, şeýle diýdi: «Eger sen ilçi bolmadyk bolsaň häzir kelläňi keserdim. Alladan ant içýärin, men Şama erbet niýetler ýa-da dünýäniň tamakinligi bilen gelmedim. Men bu ýaş ýetginjegi siz ýalylaryň zulumyndan halas etmäge geldim. Onuň döwletiniň ýykylmagyna siz sebäpkärsiňiz». Salaheddin Hyms we Hamat şäherlerini eýelemek bilen Halabyň halkyna garşy çykdy. Salaheddin her gezek bu şäherleri eýelände Halap Atabegligini Mälik Salyhyň elinden aljakdygyny belli etdi. Ol öz tabynlygyndaky musulman şäherlerini pereňlilerden goramakdaky beren sözüni iş ýüzünde amal etdi we Seýfeddin Gazynyň Mesopotamiýanyň şäherlerinden basyp alan mülklerini yzyna gaýtaryp berdi. Salaheddiniň Halaba ýöriş etmegi bilen Hyms we Hamat şäherlerine hökümdarlygy tamam boldy. Ol Juşin dagynda düşländen soňra şähere ýetmek üçin 570-nji ýylyň dört tirkeşikleriniň dördünji aýynyň 3-üne çenli ýol-menzilleri ýöremeli boldy. Şol wagt halaply emir Mälik Salyha şäherleriň ähli halkyny meýdana ýygnap, olar bilen Salaheddiniň garşysyna durmak üçin wagyz edip, täsir ýetirmekligi maslahat berdiler. Şondan soňra Mälik Salyhyň wagyz etmegi netijesinde meýdana ummasyz mähelle ýygnandy. Ol şeýle diýdi: «Siz kakamyň ýagşylyklaryny bilýärsiňiz we onuň keşbi bolsa hemmäňiziň hakydaňyzdadyr. Men siziň ýetim ogluňyz, häzir bize tarap

kakamyň öň ýagşylyk eden nejis-zalymy şäherimizi basyp almak üçin gelýär. Ol Allatagaladan hem onuň ýaradanlaryndan hem gorkmaýar». Şu ýagdaýlardan görnüşi ýaly, Salyhyň hutbasy köp zady öz içine aldy. Soňra Mälik Salyhyň şeýle hem ähli halkyň gözýaş etmeginiň netijesinde Salaheddine bolan gahar-gazap ody tutaşdy. Şunlukda, şäherliler Mälik Salyhyň tabynlygynda bolup, şäheri goramakda janlaryny gaýgyrmajakdyklaryny kasam etdiler. Salyh Ysmaýylyň wagyzy Halabyň ýaşaýjylarynyň kalplaryna uly täsir etdi. Soňra Salaheddiniň goşunyna garşy söweşe taýýarlyk görüp başlady. Olar goňşuçylykdaky pereňliler bilen uzaga çeken söweşiň tejribesinden söweş tärlerine endik edip, söweş tilsimlerinden gowy baş çykarýardylar. Şeýlelikde, olar Halapdan çykyp, Juşin dagynyň eteginde Salaheddiniň goşuny bilen söweşdiler we olar merkezden bir ädim hem öňe süýşüp bilmediler.

Halabyň emirleri ysmaýylylardan kömek soramagy makul bildiler we öňbaşçy Reşideddin Sinany iberip, oňa fedawileriň taýpasyndan Salaheddiniň üstüne çozup, ony öldürip biljek adamlary ibermekligi teklip etdiler. Şeýle hem olara bu ölüm üçin köp baýlyk beriljekdigini aýtdylar. Sinanyň özi bu ýagdaý bilen ylalaşman, dildüwşikligi amala aşyrmak üçin Juşin galasyndaky Salaheddiniň goşunlarynyň ýerleşen ýerine fedawileriň goşunyndan bir bölegini ugratdy. Ýöne Abu Kubaýs galasynyň emiri Humarteginiň olaryň niýetlerini bilendigi sebäpli iberilen goşun şowsuzlyga duçar boldy. Olaryň işleriniň soňunyň ölüm bilen gutarmagy sebäpli olaryň dildüwşikdäki üstünlikleri barada hiç bir maglumat ýok.

Salaheddiniň Halaby gabamaklygy uzaga çekdi. Şol wagt şäher emirleri Salaheddiniň garşysyna haçparazlardan kömek soramak barada pikir etdiler. Olar Trablusyň hökümdary Alkonto Raýmont III kömek sorap ilçi iberdiler. Ol Salyh Ysmaýyly halamasa-da, onuň çagyryşyny makullady. Hakykatda bolsa ol Salaheddiniň ýoluny kesdi. Soňra Kairiň, Damaskyň we Halabyň arasynda onuň ýeke özi galan wagtynda, oňa güýçli garşylyk görkezmegi göz öňünde tutdy. Soňra ol uly goşuna baş bolup, Hymsa tarap ugrady. Raýmont III ol şäheri eýelemek bilen Salaheddiniň Damaska dolanyp barjak ýoluny kesmek isledi. Ýöne Salaheddiniň

harby taýdan tejribeliligi onuň meýliniň anygyna ýetdi. Şol wagt hem ol Mosul goşunynyň Halaby goramak üçin gelýändiklerini bildi we iki duşmanyň arasynda durmakdan howatyrlandy. Şol ýagdaýlardan soňra Salaheddin Halabyň gabawyndan aýrylyp, Hymsa dolanyp bardy we onuň galasyna ýöriş etmek bilen manjanyk gurdy. Salaheddin 570-nji ýylyň meret aýynyň 21-ine olara eglişik etdi. Şeýlelikde, Tarabulusyň hökümdary mejbury ýagdaýda galany terk edip, ýeňlen halda yzyna dolanyp bardy. Emma Salaheddin günorta Baalabekkä tarap ýörişini dowam etdirdi we ony 570-nji ýylyň remezan aýynda ýitgisiz diýen ýaly basyp aldy.

G. Mosulyň hökümdarynyň Salaheddiniň ýanyndaky orny

Raýmont III Mälik Salyha hemaýat bermegi, Salaheddiniň ýigrenç duýgusy bilen birnäçe wagtlap Halapdan uzakda bolmagyna täsir etdi. Şondan soňra Salaheddiniň Şamy we Müsüri bir mäkäm syýasata baglanyşdyrmak barada kyn mesele bolup durýan maksady amala aşman başlady. Syýasatda möhüm düzgünleşdiriliş bolup geçdi. Mosul Atabeg döwleti Salaheddiniň Müsürdäki, Şamdaky, şeýle-de Damaskdaky hökümdarlyklarynyň öňünde durmak üçin Halapdaky Salyh Ysmaýylyň döwletine goltgy berdi. Bu wakalary Jarusi şeýle sözler bilen beýan etdi: «Syýasaty düzgünleşdirmek işleri öň fatymylar bilen seljuklaryň arasynda, şondan soňra bolsa Nureddin bilen Salaheddiniň arasyndaky ýiti bäsdeşligi ýadyňa salýar. Şonuň ýaly-da Fulik patyşa Damaskyň özbaşdaklygyny goramak üçin Nureddiniň garşysyna çykyş edipdi. Bu gün bolsa Raýmont III täze ýüze çykan eýýubylaryň neberelerine garşy durmak üçin Nureddiniň ogluna hemaýat edýär».

Mosul hökümdary Seýfeddin Gazy II Salaheddiniň Şam şäherleri bolan Hyms, Hamah we Baalabekke şäherlerini eýelemigine, soňra Halaby gabamak isleglerine ýakyndan syn etdi. Eger Salaheddiniň Şam şäherlerindäki ýörişi dowam edip, Halaby basyp almakdaky işi ugruna bolsa, onuň soňky maksady Mosula haýbat atmakdyr diýip pikir etdi. Şu ýerde onuň Halap bilen zerur baglanyşygyny göz öňünde tutup, oňa girmekligi niýet edindi.

Mälik Salyh Mosul hökümdary bolan agasynyň ogluna Mosulyň goşuny bilen özüne ýardam bermegini sorap, çaparlaryny ugratdy. Ol ýere giden çaparlar Manbajyň hökümdary Kutbeddin Ynal bin Hasan, Garseddin Gylyç we Halabyň hutbaçysy Emineddin Haşym dagydan ybaratdy. Halapdan baran çaparlary Seýfeddin gowy garşylady. Olar Mälik Salyhyň kömek sorap iberen hatyny oňa gowşurdylar. Salaheddiniň Halaby eýeländen soňra, onuň geljekki ýörişiniň Mosuldan özge ýer bolmajakdygy baradaky Mälik Salyhyň subutnamasyna esaslanyp, Seýfeddin oňa kömek ibermäge howlukdy.
Salaheddin bilen söweşmek üçin Seýfeddin Gazynyň Mälik Salyha iberen goşunynyň zerurlygy hem bolmady. Sala-heddin öz ýolbaşçylygyndaky leşgerleriniň ýörişlerinden kanagatlanyp, basyp alan şäherlerinde hökümdarlygy berkarar edeninden soňra Seýfeddiniň leşgerlerini ünsden düşürdi. Soňra ol Mosuldan, Mesopotamiýadan toplan köp sanly goşuny bilen Ýewfrat derýasyndan geçip, Halaba barmaga howlukdy. Şeýle hem Seýfeddin Salaheddiniň garşysyna söweşmek üçin Sanjar şäheriniň hökümdary, ýagny agasy Ymadeddin Zeňňä goşun ibermek barada çapar ýollady. Salaheddiniň öňbaşçysy Seýfeddiniň niýeti barada pikir edip, Ymadeddin bilen güýçlerini birikdirmekde ondan öňürtiledi we doganynyň garşysyna gitmek barada onuň bilen ylalaşdy. Şeýle hem Atabeglige hökümdarlyk etmekde Ymadeddiniň dogany Seýfeddiniň has mynasypdygy we onuň abraýynyň uludygy sebäpli Ymadeddiniň emläk paýyny ýokarlandyrmak bilen höweslendirdi. Ymadeddin Zeňňi özüni kakasy Kutbeddin Möwdutdan soňra Mosul Atabegliginiň kanuny mirasdüşeri hasaplap, çagyryşy kabul etdi. Soňra ol Salaheddiniň garşysyna söweşmek üçin dogany Seýfeddin Gazynyň iberen ýüzlenmesine jogap bermekden saklandy.
Seýfeddin Gazy doganynyň özüne garşy düşmançylykly gatnaşygyny görüp, gahar-gazaply halda onuň ýanyna gitmäge mejbur boldy. Şol wagtyň özünde onuň dogany Yzzeddin Mesgut Halap goşunyna ýolbaşçylyk etdi. Ol emir Yzzeddin Zülfenderi bu goşuna serdar belledi we emire harby işleri dolandyrmagy teklip etdi. Emma ol Ymadeddin Zeňňi bilen söweşmek üçin Sanjara gitdi. 570-nji ýylyň remezan aýynda Sanjar şäherini doly gabady.

Emma Yzzeddin Mesgut Mosul goşuny bilen Ýewfrat derýasyndan geçip, Halaba ugrapdy. Soňra ol Halaba gelip, ýanyndaky goşuny bilen oňa birikdi. Soňra bolsa Yzzeddin Hamata ýöriş gurap, şäheri doly gabawa aldy. Şeýlelikde, Salaheddin ylalaşyk talap edip, olara çaparlary iberdi. Salaheddin duşmanlary bolan, ýagny Mosul goşunynyň alyp barýan ýörişlerine geçirimlilik edip, olara üns bermedi. Şonuň netijesinde ol özüniň köp sanly esgerlerini ýitirip, olara boýun boldy. Şeýle-de ol Şamdaky döwletlerden basyp alnan şäherlerini we galalaryny Salyha gaýtaryp berdi. Mälik Salyh ony Damaska orunbasar edip bellemek bilen çäklendi. Eger Salaheddin hazynalardan alan oljalaryny gaýtaryp berse, Mälik Salyh onuň adyna hutba aýtdyrjakdygyny we zikge kakdyrjakdygyny bildirdi.
Bu ýagdaýlarda Mälik Salyhyň öňünde Salaheddiniň Şam şäherlerindäki abraýyny täzeden galdyrmaga we Atabegligiň abraýyny dikelitmäge pursat döretdi. Şundan görnüşi ýaly, Salaheddiniň baş maksady patyşalygy eýelemek ýa-da baýlyk toplap, uly artykmaçlykda bolmak isleginde däldi. Onuň baş maksady Nureddin Mahmyt ölenden soňra şäherleri dargamakdan gorap saklamak we yslam goşunlaryny bir ýere jemläp, Şam şäherlerini haçparazlaryň güýçli ýörişlerinden goramakdy.
Salaheddin öz ýanynda az sanly esgerleriniň bardygy üçin Halabyň emirlerine aýratyn uly güýç saklamagy olardan haýyş edip ýüz tutdy. Olar bolsa Salaheddinden Rahabany we onuň welaýatlaryny tabynlygyna geçirmegi talap etdiler. Rahaba şäheriniň Salaheddiniň doganoglany Nasreddin Muhammet bin Esededdin Şirkuhiň ygtyýaryndadygy üçin olar bir bahana tapyp, Halabyň emirlerine jogap bermekden saklandylar. Soňra Mosul bilen Halabyň esgerleri harby taýýarlyk hökmünde birikmegi niýet edindiler. Salaheddin hem geljekdäki ýörişe taýýarlyk gördi. Haçanda ol Hamatyň golaýyndaky Ewrent jülgesine baranda, Müsür esgerleri oňa goşuldylar. Müsür esgerleriň on sany serkerdeleri bardy. Olaryň arasynda soltan Salaheddiniň doganynyň ogullary Takyýeddin Omar bin Şahinşa bin Eýýup we dogany Yzzeddin Furuh şa hem bardy.
570-nji ýylyň remezan aýynyň 19-yna iki tarapyň arasynda uly jeň boldy. Ol jeňde Mosul esgerleriniň ýeňilmegi bilen dogan-

dogandan ýüz öwürdi. Yzzeddin Mesgut ýaranlary ýeňlenden soňra, halaply esgerleriň öňünde mertlerçe durdy. Haçanda Salaheddin onuň merdanalygyny göreninde, şeýle diýdi: «Bu örän mert adamdyr ýa-da söweş tilsimlerinden düýbünden bihabar adamdyr». Salaheddin öz esgerlerine onuň üstüne hüžüm etmekligi buýurdy. Esgerler Yzzeddine hüjüm edip, onuň leşgerlerini doly suratda derbi-dagyn etdiler. Salaheddin Yzzeddiniň emirleriniň köpüsini ýesir aldy. Salaheddin soňra olary tussaglykdan boşadyp, tä Halabyň derwezesine çenli ugradyp, duşmanlary şäherden çykardy. Soňra Salaheddin Halaby ikinji gezek gabawa aldy. Şäherlerde Mälik Salyhyň adyna hutba aýtdyrylmagynyň bes edilmegini hem onuň adyna zikge kakylmazlygyny talap etdi. Halaplylara emr etmeklik uzaga çekdi we Halaby gabawda saklamagyny dowam etdirdi. Halaplylar Şamyň şäherlerindäki öň Salaheddiniň ygtyýarynda bolan ähli zatlaryny bermek we öz ygtyýarlaryndaky zatlaryň saklanylyp galmagy barada ylalaşyk hatyny iberdiler. Salaheddin bolsa olara jogap hökmünde Magarra, Keferitap we Baryn şäherleriniň özüne berilmegini talap etdi.

Iki tarap ylalaşyk baglanyşanyndan soňra, 570-nji ýylyň baýram aýynyň başlarynda Salaheddin Halapdan gitdi. Soňra onuň ýanyna halypa Mustazi Billahyň ilçileri baryp, oňa Hamatda oturan ýerinden Müsür we Şam şäherlerindäki soltanlygy dolandyrmagy teklip etdi.

Yzzeddiniň ýeňilmegi baradaky habar Mosul hökümdary Seýfeddin Gaza baryp ýetdi. Ol şol wagt dogany Ymadeddin Zeňňiniň hökümdarlyk sürýän şäheri bolan Sanjary gabawa alypdy. Seýfeddin doganynyň ýeňilendigi baradaky habary eşidende, tapdan düşdi. Ol ýagdaýyň dartgynlaşmagyndan howatyrlandy we mejbury halda gabawdan aýyrylyp, dogany Zeňňi bilen ylalaşmaga howlukdy. Şondan soňra Seýfeddin Mosula gaýdyp bardy we Salaheddin bilen ylalaşyk baglanyşan-dyklary üçin Halabyň emirlerinden nägile boldy. Haçanda ol apbasylaryň halypa-synyň Müsür we Şam hökümdarlygyny Salaheddiniň ygtyýaryna berendigini eşideninde, bu bolup geçen wakalara çuňňur närazylyk bildirdi. Soňra Seýfeddin Salaheddinden ar almagyň pikirinde gezdi. Salaheddin hem onuň bu edýän pikirinden

habarsyz bolmady. Ol pereňlilere arkalanmak bilen özünde hiç hili aljyraňlylyk duýmady. Şondan soňra Salaheddin özüne kömek berilmegini sorap, Raýmont III çapar iberdi. Salaheddin pereňlileriň kömek bermedik ýagdaýynda hem olaryň ynamyna girmek üçin bendilikde oturan pereňlileri erkinlige goýbermek bilen olary dogduk mekanlaryna ugratmak-çydygyny aýan etdi. Şunlukda, pereňliler 570-nji ýylyň baýram aýynda Salaheddiniň şerti bilen ylalaşdylar.

Salaheddiniň ondan ar almak üçin ilki mosullylaryň pikirini aýtmagyna garaşmagy bilen onuň işi ugruna boldy. Seýfeddin Halaba çapar iberip, ol ýerdäki emirleriň Salaheddin bilen ylalaşandyklary üçin olara igendi. Şeýle hem ol Halabyň emirlerini ony tussag etmek barada öjükdirip, Salaheddiniň Şamdan mejbury ýagdaýda çykyp gitmegi üçin olara özi bilen ylalaşyk baglaşmaga çagyrdy.

Ilçi Halapda möhüm işlerini ýerine ýetireninden soňra Salaheddiniň niýetlerini bilmegi maksat edinip, ondan Salaheddin bilen aralaryndaky ylalaşyk we kasam hatyny almak üçin Damaska bardy. Haçanda Salaheddin ilçiniň islegine delillenip, kasamyň nusgasy bilen tanyşmak islände, ilçi ýalňyşyp, ýeňinden halaplylaryň Mosulyň hökümdaryna iberen kasamyny çykardy. Salaheddin ol hata göz gezdirip, olaryň Seýfeddin bilen näme barada ylalaşyk baglanyşandyklaryna düşündi. Ol ilçä garap şeýle diýdi: «Sen maňa bermeli hatyňy ýalňyşan bolmagyň mümkin». Ilçi özüniň ýalňyşandygyny şondan soňra bilip galdy. Salaheddin bolsa ilçiden şeýle diýip sorady: «Seýfeddine halaplylardan soňra biz bilen ylalaşmak nämä gerek boldy? Şeýle hem olar biziň ýanymyza gelip, bizden rugsat soramazdan onuň buýrugyna ynanmazlar». Şunlukda, ol garşysyna söweşe taýýarlyk görmek üçin halaplylaryň Seýfeddin bilen ylalaşyk baglanyşandyklary belli boldy. Soňra Salaheddin Müsürdäki dogany Adyla esgerleri bilen kömek bermegini talap edip, oňa ilçi iberdi. Adyl 571-nji ýylyň meret aýynda Salaheddine kömek bermek üçin Müsürden çykdy.

Ilçi Mosula dolanyp gelenden soňra Seýfeddin Salaheddiniň garşysyna çykmak üçin Şama gidip, Salyh Ysmaýyl bilen ylalaşmagy zerur hasap etdi. Şondan soňra Seýfeddin Kifa

galasynyň we Mardiniň hökümdarlaryna, bulardan başga-da dogany Sanjar şäheriniň hökümdary Ymadeddin Zeňňi we başga-da birnäçe türkmen emirlerine kömek sorap çapar ýollady. Şunlukda, ol daş-töweregine ummasyz goşun ýygnady. Soňra 571-nji ýylyň dört tirkeşikleriniň birinji aýynda Seýfeddin ol goşun bilen Nusaýbyna bardy. Ol tä gyş pasly gutarýança şol ýerde boldy. Soňra ol Ýewfrat derýasyndan geçip, onuň günbatar kenarynda düşledi. Seýfeddin Sagdeddin Kümüştegine we Mälik Salyha çapar ýollady. Olaryň arasynda köp taýýarlyk boldy. Şol wagt Seýfeddin yzyna dolanmak isledi. Şeýle-de bolsa ahyrsoňy Mälik Salyh bilen onuň arasynda ylalaşyk ýola goýuldy. Seýfeddin Halaba tarap ugranda, Salyh ony garşylamaga çykdy we galanyň golaýynda öňünden çykyp, ony garşy aldy. Mälik Salyh Seýfeddini gözýaş döküp gujaklady we onuň pikiri bilen ylalaşdy. Soňra Mälik Salyh oňa gala girmekligi teklip etdi. Emma Seýfeddin galanyň golaýyndaky Aýny-Mübärek diýen ýerde düşledi. Olar şol ýerde birnäçe günläp bolan wagtlarynda Halap leşgerleri bularyň hyzmatynda gezdiler.

Soňra Seýfeddin goşunyny sürüp Tallysoltan atly ýere bardy. Halaplylar bolsa Salaheddiniň garşysynda durmak üçin haçparazlar bilen ylalaşypdylar. Bu waka Renat we Rahanyň emiri Juslin ýaly haçparazlaryň emirleriniň Halap zyndanlaryndan azatlyga goýberilmeginden soňra ýüze çykypdy.

Emma Salaheddiniň Müsürden garaşan kömegi ahyry gelip ýetdi. Soňra ol Mosulyň esgerlerine tarap ýöriş etmegi niýet edindi we As derýasynyň kenarynda ýerleşýän Şizar galasynyň golaýyndaky ýapgyt ýerinden geçmek bilen esgerleriniň düzgünlerini tertibe saldy. Ol goşunynyň ep-esli bölegini Hamat şäherine iberdi, özi bolsa ,tä Kurunu Hamat atly ýere ýetýänçä ýörişini dowam etdirdi.

Bu habar Seýfeddin Gaza baryp ýetende, ol bu wakanyň anygyna ýetmek üçin ýola düşdi. Olar türkmenleriň guýularyna ýeten wagtlarynda esgerler guýulardan suw içdiler. Seýfeddin hem onuň esgerleri suwsuzlygyň derdinden örän ýadapdylar we özlerini ýere goýberdiler. Şol wagt esgerleriň birnäçesi özleriniň ýadaw hallarynda şowsuzlyga uçrajakdyklaryny duýdurdylar. Mosul esgerleriniň serkerdesi Yzzeddin Zülfender

şeýle diýdi: «Häzirki wagtda biziň bu ýagdaýymyzda söweşmegiň geregi ýok. Söweşi ertir irdene süýşürip, olaryň ählisini ýesir alarys».
571-nji ýylyň baýram aýynyň 10-njy güni bolan Sogapgüni gelip ýetende, iki tarapyň arasynda gazaply söweş boldy. Ilkibaşda bu ýöriş Salaheddini eýmendirdi. Goşunyň sag ganatyna Seýfeddin Gazy ýolbaşçylyk edip, ol Erbiliň hökümdary Muzaffareddin Gökböri bin Zeýneddin Alynyň garşysynda aýgytlaýjy jeň alyp bardy. Şol wagt Salaheddin eger erjellik etmeseler, olaryň öz daşlarynyň gabaljakdygyna göz ýetirdi. Ahyrsoňy olar Gazynyň goşunynyň üstüne gaýduwsyz hüjüm etmek bilen olary derbi-dagyn etdiler. Emirleriň köpüsini ýesir aldylar. Olaryň içinde Fahreddin Abdylmesih hem bardy. Ýöne Salaheddin soltany ýesirlikden boşatdy.
Mosul hökümdary şeýle aýylganç ýeňlişe sezewar boldy, köp sanly esgerlerini ýitirenden soňra şäherine dolanmagy ýüregine düwdi. Bu söweşde Seýfeddiniň duşmany Salaheddiniň işiniň ugruna bolmagy bilen ol köp zyýan çekdi.
Soňra Seýfeddin Halaba dolandy. Seýfeddiniň dogany Yzzeddin emirleri we ýanyndaky esgerleri bilen doly suratda onuň tarapyna geçdi. Şeýle hem ol özüniň halas bolanlygy bilen çäklenmän, Ýewfrat derýasyndan geçip, Mosula bardy.
Salaheddiniň aýgytlaýjy ýeňiş gazanmagy bilen onuň özünde Halabyň gurşap alýan ýerlerini öz mülküne birikdirmäge doly ýol açyldy. Onuň goşunbaşysy Mujaryp Halabyň ygtyýaryndaky demirgazyk tarapdaky berkitmelere we galalara täsirini ýetirip başlady. Ol duşmanlarynyň bu işe sowuk-sala garamagyndan peýdalanyp, Halabyň Mosula birikýän ýoluny kesmek isledi.
Soňra Salaheddin Bizaga şäherine ýöriş etdi we ony 571-nji ýylyň baýram aýynda basyp aldy. Soňra ol Manbajy eýelän Kutbeddin Ynal bin Hasanyň elinden basyp aldy.
Salaheddin Manbajy eýeläninden soňra Egzaz şäheriniň galasyna ýöriş edip, ol ýerde manjanyk gurdy. Salaheddin Manbajy otuz sekiz gün gabawda saklandan soňra, gurban aýynyň 11-ine doly basyp aldy. Salaheddin Egzaz şäherini eýeläp, tä boýun egýänçäler Halaby berk gabawda saklamak mümkinçiliginden peýdalandy. Olaryň pereňliler bilen gatnaşygyna böwet basdy.

Salaheddin 572-nji ýylyň gurban aýynyň ortalarynda Halaby gabamak işlerine başlady. Ol halaplylaryň wagtal-wagtal, duýdansyz hüjümleriniň öňünde gaýduwsyz durup, tä 573-nji ýyla çenli gabawy dowam etdirdi. Salaheddin şol wagtlarda halaplylara ýigrenç duýgusy bilen örän berk ýagdaýda gabawy saklady. Şondan soňra olar ylalaşygy talap edip, hat iberdiler. Salaheddin ol hata jogap hökmünde Halabyň we onuň welaýatlarynyň Mälik Salyhyň elinde galmagyny, Hamatyň we onuň günortadaky mülkleriniň öz ygtyýaryna geçirilmegini talap etdi. Soňra Salaheddin Egzaz galasyny Nureddiniň oglunyň ygtyýarlygyna berdi.

Salaheddin söweşe gatnaşan ähli etraplarynda ylalaşygy ýola goýdy. Ylalaşyga laýyklap, Mälik Salyh Kiwa galasynyň, Seýfeddin Gazy bolsa Mardiniň hökümdary boldy. Olaryň eden kasamlarynyň beýany şeýle boldy: «Olardan kimdir biri dönüklik etse we ähdi-peýmanyndan çyksa, galan adamlar oňa bir el ýaly bolup garşy çykmalydyr».

D. Seýfeddin Gazynyň wepat bolmagy we Yzzeddin Mesgudyň hökümdarlyk sürmegi

Seýfeddin Gazynyň hökümdarlyk möhleti hem uzaga çekmedi. Ol 576-njy ýylyň sapar aýynda aradan çykdy. Ol ölmeziniň öň ýanynda hökümdarlygy, heniz 12 ýaşy hem dolmadyk ogly Mugazzedin Sanjar şanyň dolandyrmagyny isledi. Seýfeddiniň dogany Yzzeddin Mesgut bu karara jogap bermekden saklandy. Çünki ol bu aýgytlaýjy döwürde Atabegler döwletine doganyndan soň özüniň hökümdarlyk etmegini mynasyp hasap etdi. Mosulyň emirleri bolsa bireýýäm onuň ygtyýaryna geçipdiler. Olaryň içinde Mujahededdin Gaýmaz hem bardy. Ol Seýfeddin Gazynyň heniz ýaş oglunyň hökümdarlyk etmeginden garaşylýan howplary düşündirip, şeýle diýdi: «Men Salaheddiniň bize ýakyn bolan şäherleri basyp alandygyny eşitdim. Heniz ýaş Sanjar şa bolsa muny görmeýär. Seniň agaň Yzzeddin bolsa ýaşy uly hem akyly goýalyşan gaýduwsyz ýigitdir. Sen nebereleriňe wesýet edip, ýurdy dolandyrmagy onuň ygtyýaryna ber».

Salaheddiniň Mosulyň mülklerine göz gyzdyrmagy gürrüňsiz ýagdaýda uly howp bolup durýardy. Mosulyň emirleri esasy

hökümdarlyga Yzzeddin Mesgudy saýlap ony heniz syýasy akymlaryň öňünde durmagy başarmaýan Sanjar şanyň ýerine bellediler.
Seýfeddin emirleriň pikirleri bilen ylalaşyp, özünden soň hökümdarlyk etmegi dogany Yzzeddin Mesguda ynandy. Soňra ol Ibn Omar adasyny we galalaryny ogly Mugazzeddin Sanjar şanyň ygtyýaryna, Hamydyýe galasyny bolsa beýleki ogly Nasreddiniň ygtyýaryna berdi. Şeýle-de, Seýfeddin Mujahededdin Gaýmazy bu ikisiniň işlerini dolandyrmak üçin gala orunbasarlygyna belledi.
Şol wagt Salaheddin Rum şäherleriniň serhetýakalaryndady. Mujahededdin onuň ýanyna fakyh Abu Şujag ibn Dehan Bagdadyny ilçi iberip, Salaheddine Yzzeddin Mesgut bilen ylalaşygy ýola goýmagy talap etdi. Çünki ol dogany Seýfeddiniňki ýaly ýagdaýa düşse, onuň ygtyýarynda diňe Mesopotamiýa galýardy. Harran, Raha, Rakka, Habur we Nusaýbyn bolsa onuň ygtyýaryndan giderdi. Salaheddin Mujahededdiniň talabyna şeýle jogap berdi: «Mosul şäherlerinden oňa miras galan mülkler öňki halynda dur. Mesopotamiýanyň şäherleri hakynda aýdanyňda bolsa, ol ýerler halypanyň howandarlygynda durdy. Emma ol musulman galalaryny baýlyk we esger bilen güýçlendirmek şertini goýupdy. Häzir bolsa bu işleri bitirmegi halypa maňa tabşyrdy. Biz özümiziň daýanýan şeýle pikirimize halypanyň garaýyşyndan soňra serederis» diýdi.

Taryhy makalalar